Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan  ; Timur Kor

## a) Çekimsiz sese gutarýan atlaryň düşüm bilen üýtgeyişleri

**114-nji gönükme.** Okaň. Soňlary çekimsiz bilen gutarýan şu atlara nähili düşüm goşulmalarynyň goşulandygyny aýdyň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Baş d. | Garpyz, | mergen, | gol , | öý |
| 2. Eýelik d | Garpyzyň, | mergeniň | goluň, | öýüň |
| 3.Yöneliş d. | Garpyza, | mergene, | golda, | öỳe, |
| 4.Ýeňis d. | Garpyzy, | mergeni, | goldy, | öỳi, |
| 5.Wagt-orun d, | Garpyzda, | mergende, | golda, | öỳde |
| 6.Çykyş d, | Garpyzdan, | mergenden, | goldan | öỳden, |

## Çekimsiz sese gutarýan atlaryň düşüm goşulmalary

| Düşümleriň atlary | Düşümleriň goşulmalary | Mysâliar |
|---|---|---|
| **1. Baş d,** | **-** | **Bag, kelem, ot, gül.** |
| **2. Eýelik d.** | **-yň, -iň, -uň, -üň** | **Bagyň, kelemiň, otuň, gülüň.** |
| **3. Ýöneliş d.** | **-a, -e •** | **Baga, keleme, ota, güle.** |
| **4. Ýeňis d.** | **~ y, -i** | **Bagy, kelemi, oty, güli.** |
| **5. Wagt-orun dv.** | **-da; -de** | **Bagda, kelemde, otda, gülde.** |
| **6- Çykyş d.** | **-dan, -den** | **Bagdan, kelemden, otdan, gülden.** |

Soňlary   çekimsiz  ses bilen gutarýan atlaryň düşüm goşulmalaryny öwreniň.

* * *

**115-nji gönükme.** Aşakdaky soňy çekimsiz ses bilen gytarýan atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň, olaryň düşüm goşulmalarynyň aşagyny cyzyň we aýdyp beriň.

Gyş, göz, gün.

içinde dodak çekimlisi bolan, çekimsiz sese gutarýan bir bogunly atlara eýelik düşümde *-un, -ün* doşulmasy goşulỳar. Meselem: *guş-guşuň, gül-gülüň, ot-otuň,*

*öỳ-oỳuň.*

**116-nji gönükme.** Aşakdaky düşümler bilen ỳütgedilen atlary okaň we soraglara jogap beriň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1. Baş d. | Galam, | açar, | çörek, | jorap. |
| 2. Eýelik d. | Galamyň, | açaryň, | çöregiň, | jorabyň |
| 3.Ýöneliş d | Galama, | açara, | çörege, | joraba. |
| 4.Ýeniş d. | Galamy, | açary, | çöregi, | joraby. |
| 5.Wagt-orun d. | Galamda, | açarda, | çörekde, | jorapda. |
| 6.Cykyş d. | Galamdan, | acardan, | cörekden, | jorapdan |

***Soraglar:***

1. Ýokardaky atlaryň soňunyň baş düşümde haýsy çekimsizlere gutarýandygyny aýdyň.

2. Bu atlar düşümler bilen üýtgände, haýsylarynyň soňundaky çekimsizler haýsy düşümlerde başga çekimsizlere öwrülỳär?

3. Çörek, jorap sözleriňiň soňundaky dymyk *k,.p* çekimsizleri haýsy düşümlerde nähili çekimsizlere öwrülỳärler?

***çörek***

* * *

**117-nji gönükme.** Okaň. Bu atlaryň soňunyň baş düşümde haýsy çekimsizler bilen gutarýandygyny we olaryň haýsy düşümlerde nähili çekimsizlere öwrülendigini aýdyň.

| | | |
|---|---|---|
| 1. Baş d. | Myrat, | çeki, |
| 2. Eýelik d. | Myradyň, | çekijň, |
| 3.Ýöneliş d | Myrada, | çkije, |
| 4.Ýeniş d. | Myrady, | çekiji, |
| 5.Wagt-orun d. | Myrada, | çekiçde, |
| 6.Cykyş d. | Myradan, | çekiçden, |

**Ýatda saklaň!** Dymyk ç, k, p, t, sesleriňe gutarýan köp bogunly atlaryň soňyndaky ç, k, p, t, sesleri eýelik, ýöneliş, ýeniş düşümlerinde j, g, b, d sesleriňe owrülỳärler.

Meselem: agaç-agajyň, agaja, agajy.

* * *

**118-nji gönükme.** Okaň we göçüriň. Baş düşümdaki atlaryň soňunyň haýsy çekimsizlere gytarýandygyny we ol çekimsizleriň haýsy düşümlerde nähili çekimsizlere öwrülỳändigini aýdyň.

| | | |
|---|---|---|
| 1. Baş d. | Kömek, | mekdep |
| 2. Eýelik d. | Kömegiň, | mekdebiň |
| 3.Ýöneliş d | Kömege | mekdebe |
| 4.Ýeniş d. | Kömegi | mekdebi |
| 5.Wagt-orun d. | Kömekden | mekdebe |
| 6.Cykyş d. | Kömekden | mekdeben |

**119-njy gönükme.** Okaň. Baş düşümdäki atlaryn haysy dymyk çekimsizlere gutarýandygyny we ol çekimsizleriň haysy düşümlerde nähili açyk çekimsizlere öwrülip ýazylandygyny aydyň.

Turkmenkultur.com

| | | |
|---|---|---|
| 1. Baş d. | Sagat, | Begenç |
| 2. Eýelik d. | Sagadyň, | Begenjiň. |
| 3.Ýöneliş d | Sagada | Begenje |
| 4.Ýeniş d. | Sagady, | mekdebi |
| 5.Wagt-orun d. | Sagatda | Begençde |
| 6.Cykyş d. | Sagatdan, | Begençden. |

**120-njy gönükme.**. Aşakdaky atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň. Olaryň soňundaky ç, k, p, t çekimsizlerini degişli düşümlerde j, g, h, d çekimsizlerine öwürmegi unutmaň.

Sazak, jorap, armyt, dürtgüç, orak.

N u s ga :

| | |
|---|---|
| 1.Baş d. | Sazak, |
| 2.Eýelik d. | Sazagyň, |
| 3.Ýöneliş d | Sazaga, |
| 4.Ýeniş d. | Sazagy, |
| 5.Wagt-orun d. | Sazakda |
| 6.Cykyş d. | Sazakdan. |

Haýsy düşümlerde dymyk ç, k, p, t çekimsizleri açyk j, g, b, d çekimsizlerine öwrülýär?

**121-njy gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Ýaýyň içindäki atlara degişli düşüm goşulmalaryny goşup, ýaýyfñ içinden çykaryp ýazyň.

1. (Meret) kakasy ussadyr. 0l (Meret) öz ussaçylyk kärini öwredyär. 2. Çary (orak) suratyny çekdi. Sen (saçak) dolap aýyr. 3. Yolagçylar (çelek) suw guýdular. 4. (Guwanç) dogany meniň bilen okaýar. 01 (Guwanç) kitaplar alyp berdi. 5. (Kitap) näçe sahypasy bar? Bu (guş) höwürtgesi nirede?

N u s g a : Merediň kakasy ussadyr.

**122-njy gönükme.** Aşakdaky atlary eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümlerde getirip, hersine degişli bir sözlem düzüň we depderiňize ýazyň.

*Aşgabat, garlawaç, gol.*

Nusga: Aşgabadyň oňat köçeleri bar. Kakaň Aşgabada gitdimi?

Men Aşgabady öten ýyl gördüm.

**123-njy gönükme.** Aşakdaky atlary eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümler bilen üýtgedip, sözlem içinde getiriň we depderiňize ýazyň.

***Sadap, gül, güjük***

Nusga: Sadabyň gyzykly kitaby bar. Sadaba ol kitaby jorasy sowgat beripdir.

Men düýn Sadaby gördüm.

* * *

**124-nji gönükme.** Ýaýyň içindäki atlara degişli düşüm goşulmalaryny goşup, sözlemleri göçüriň we soraglara jogap beriň.

Men **(ördek)** suratyny çekdim. Seniň **(kitap)** barmy?

Bu kitaby Jerene beriň. Sen **(mekdep)** gitjekmi?

Oraz saňa **(mekdep)** ýanynda garaşar.

Towuklar **(ketek)** girdi.

**(Begenç)** sylag gowşurdylar.

Bu **(söwüt)** ýapraklary saralypdyr.

1. Ýaýyň  içindäki atlara haýsy düşümleriň goşulmasyny goşduňyz?

2. Şonda olaryň soňundaky haýsy çekimsizler nähili çekimsizlere  öwrülip ýazylýar?

* * *

Turkmenkultur.com

**125-nji gönükme.** Okaň. Eýelik, ýöneliş we ýeňiş düşümlerde gelen atlary tapyň, olary nusgadaky ýaly edip, depderiňize ýazyň.

1. Myhmanlar düşegiň üstünde oturdylar. Biz hem düşege geçdik. Düşegi oňat edip ýazypdyrlar.

2. Bu ädigi kakam alypdyr.

3. Bu jorabyň reňki gowy.

4.Mekdebe gitjekmi? Men ỳaryşda Sylaby ýeňdim,

5. Tohumlyk çigidiň ýarysyny mekdebe berdiler.

6. Bu işi Myrada tabşyrdylar.

7. Oturgyjy bärräk çek, ikimiz maslahat edeli.

N u s g a : ***düşek-düşegin, düşek-düşege,...***

Depderiňize göçüren sözleriňiziň düşüm goşulmaly görnüşinde nähili üỳtgeşmäniň ỳüze çykandygyny aýdyň.

**126-njy gönükme.** Okaň we has gara ýazylan atlary göçürip alyň hem-de aşakdaky soraglara jogap beriň.

1. Ol aýagy bilen **topy** batly depdi.

2. Goýunlary **otuň** bol ỳerine sürdüler.

3. Jeren **saçyny** darap otyr.

4. Çagalar **ýabyň** boỳunda oýnaýarlar.

5.Çopanlar oduň başynda oturdylar.

5. Okuwçylardan **Täji** sylaglapdyrlar.

1. Göçürip alan sözleriňiz haýsy düşümlerde?

2. Olaryň haýsylarynyň birinji bognundaky çekimlisi gysga, haýsylarynyňky uzyn aýdylýar?

3. Asyl sözleriniň soňundaky dymyk ç, k, p, t sesleri çekimlisi gysga aýdylýan atlarda açyk j, g, b, d sesleriňe öwrülỳärmi ýa-da uzyn aýdylýan atlarda?

Turkmenkultur.com

Ýatda saklan! Çekimlisi gysga aýdylýan bir bogunly atlaryň soňundaky ç,. k, p, t sesleri eýelik, ýöneliş , ýeňiş düşümlerinde j, g, b, d seslerine öwrülmeỳärler, çekimlisi uzyn aýdylýan atlarda bolsa olar j, g, b, d seslerine öwrülỳärler.

Meselem: saç-saçyň, saça, saçy; gap-gabyň, gaba, gaby.

* * *

**127-nji gönükme.** Aşakdaky atlary düşümler bilen üỳtgedip, depderiňize ỳazyň. Eýelik, ýöneliş we ýeňiş düşümlerde bolýan üýtgeşmeleri aýdyň.

***Gap, göç, ik, çöp, bat.***

N u s g a :

| | |
|---|---|
| 1.Baş d. | Bat |
| 2.Eýelik d. | **Bad**yň, |
| 3.Ýöneliş d | Bada |
| 4.Ýeniş d. | Bady, |
| 5.Wagt-orun d. | Batda, |
| 6.Cykyş d. | Batdan. |

* * *

**128-nji gönükme.** Hekaýany okaň we has gara ýazylan atlary ähli düşümler bilen üỳtgedip, depderiňize ýazyň. Düşüm goşulmalarynyň aşagyny çyzyň.

**Ýowar**

Turkmenkultur.com

Gün ýaňy ýokary galypdy. Çagalar Hurma ejäniň howlusyna ýowara geldiler. Gum-gukluk howly şagalaňly

ýere döndi.



Elleri nahally, pilli **oglan** - gyzlary Hurma eje güler ỳüz bilen garşy aldy. Çagalar işe başladylar.

Kim ỳer depip, **çukur** gazýar. Kim ders çekip, her çukura gysym-penje atyp barýar.

Kim nahaly çukurda oturdýar.

Şondan soň tegelek üç aý geçdi. **Mekdep** direktory **Guwanç** Hurma eje bilen tirkeşip dördünji klasyň jaýyna girdi. Hurma eje okuwçylara mähirli garap:

Guzularym, köşeklerim! Eken nahallaryňyz oňat gögerdi. Bägüller eyỳäm gunçalap açyldy. Size şol gülden **sowgat** getirdim - diýdi.

Çagalar el çarpyşdylar.

*K. Durdyýew, «Ýyldyzjyk».*

***Ýowar, sowgat*** sözleriniň manysyny sözlükden öwreniň.

**129-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçürüň. Ýaýyň icindäki atlara degişli düşüm goşulmalaryny goşup, ýaýyň içinden çykaryp ýazyň.

1.Çopanlar (çelek) suw guýdular. Olaryň (it) bar.

2. Daýhanlar uly (ỳap) boỳunda işleỳärler.

Turkmenkulte...n

3. Biz (parahatçylyk) söỳỳäris.

4. Abraý (tertip) bagly.

5. Bu (top) bahasy näçe?

Ýaýyň icindäki atlara goşulan goşulmalaryň haýsy düşümiň goşulmasydygyny aýdyň.

***parahatçylyk***

* * *

**130-nji gönükme.** Aşakdaky atlary dilden ähli düşümler bilen üỳtgediň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1. Baş d. | Odun | Telpek | Söz | Kak |
| 2. Eýelik d. | .............. | .............. | .............. | .............. |
| 3.Ýöneliş d | .............. | .............. | .............. | .............. |
| 4.Ýeniş d. | .............. | .............. | .............. | .............. |
| 5.Wagt-orun d. | .............. | .............. | .............. | .............. |
| 6.Cykyş d. | .............. | .............. | .............. | .............. |

* * *

**131-nji gönükme.** Aşakdaky sözleri okaň,soňra morfologik taýdan derňäň we nusgadaky ýaly edip, depderiňize ýazyň.

Daragyň, düşegi, toşabyň, köỳnege, çolugyň, söwüdiň, örküje, agaja, aýagyň,

joraby, köşegiň, hasaba, polada, süzgüji.

N u s g a: ***daragyň - darak - asyl söz,***

***- yň - eýelik düşümiň goşulmasy,...***

Turkmenkultur.com

**132-nji gönükme.**Okaň we eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümler bilen üýtgän atlaryň soňundaky dymyk çekimsizleriň nähili açyk çekimsizlere öwrülendigini aýdyň.

1. Begenjiň kakasy çopan.

2. Bu köýnegiň reňki gowy.

3. Bu joraby Sadaba ejesi örüp beripdir.

4. Gury agaja ỳaprak bitmez.

5. Gury söz gulaga ỳakmaz.

6. Köşege ot beriň

7. Kitaby soỳüň.

8.Orediň jigisi mekdebe barýar.

**133-nji gönükme.** Okaň, has gara ýazylan atlary baş, eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümlerde getirip, depderiňize ýazyň we olaryň ýazuwyndaky bolýan üýtgesiklikleriň sebäbini düşündiriň.

Nabat çaý başynda gyzykly gürrüňler etdi. **Myradyň** göwnüni açmak üçin gülküli ertekiler hem aýdyp berdi. **Nabadyň** ertekilerini Myrat perwaýsyzlyk bilen diňledi, gulagy eşitse-de, küýi başga ýerdedi. Ol birdenkä ejesiniň sözüni kesdi.

--Eje, aý eje! Men näme üçin dünýä mundan on ýyl öň gelmändirin?

--Aý, hanym, her bir zadyň özüniň wagty, **sagady** bardyr-da.

Myrat **dürtgüji** eline alyp, iýmite sançjak ýaly etdi-de, ýene gürrüňi dowam etdirdi.

*B. Kerbabaýew, «Atasynyň ogly».*

Nusga: ***Myrat, Myradyň, Myrada, Myrady,...***

1. Hekaýajygyň mazmunyna laýyk sözbaşy tapyň.

2. ***Göwün açmak, perwaýsyz garamak*** diýen söz düzümleriniň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

Turkmenkultur.com

**134-nji gönükme.** Aşakdaky sözlemleri göçüreniňizde, ýaýyň içindäki atlara ýöneliş düşümiň goşulmasyny goşup, ỳaỳyň içinden çykaryp ỳazyň.

l.Düỳn ejem, kakam dagymyz (toỳ) gitdik.

2.(Aý)täze ýoly, açar aýlana - aýlana.

3. Bu dürli gálamlary men (Altaý) aldym.

4. Biz ertir (tokaý) gezelenje gitjek.

5. Habardar boluň (çüỳ) basaymaň.

6. Oglanlar (oỳ) tarap ýörediler.

**135-nji gönükme.** Bu atlary düşümler bilen depderiňize ýazyň.

Tuweleý, guş, saraý, tokaý, toşap.

N u s g a :

| | | |
|---|---|---|
| 1. Baş d. | Çokaý, | ............. |
| 2. Eýelik d. | Çokaýyň, | ............. |
| 3.Ýöneliş d | Çokaỳa, | ............. |
| 4.Ýeniş d. | Çokaỳy, | ............. |
| 5.Wagt-orun d. | Çokaýda, | ............. |
| 6.Cykyş d. | Çokaýdan, | ............. |

**136-nji gönükme.** Soňy çekimsiz ses bilen gutarýan üç sany at sözüni düşümler bilen üỳtgedip, depderiňize ýazyň.

* * *

**137-nji gönükme.** Suratlaryň atlaryny eýelik, ýöneliş ýeniş düşümlerde getirip, depderiňize ýazyň.

Turkmenkultur.com



Nusga: owlak-owlagyň, owlaga, owlagy.

***ỳazyň***

**138-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we ýaýyň içindäki atlaryň haýsy düşümde getirilmelidigini aýdyň.

1. Aman (sagat) tow berdi.

2. (Kitap) seretmäň, goşgyny ýatdan aýdyp ber.

3. Türkmenistan (nebit) örän baýdyr.

4. Meniň jigimiň (gulpak) bar.

5. Bu (it) ady Aždar.

6. (Guwanc) kakasy traktorçy.

7. Meniň kakam (çöl) gitdi.

8. Men (garlawaç) suratyny çekdim.

**139-nji gönükme.**Aşakdaky atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýažyň we her düşümiň goşülmasyny aýdyň.

Dagi , mugallym, örküç, söz.

Turkmenkultur.com